# Sosial mediýada anyk şahsy maglumatlar hökmanymy?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sosial mediýada anyk şahsy maglumatlar hökmanymy? SOSIAL MEDIÝADA ANYK ŞAHSY MAGLUMATLAR HÖKMANYMY?

MHP-niñ deputaty Halil Öztürk düýn bir kanun teklibini berdi. Eger onuñ teklibi mejlisde kabul edilse, Instagram, Twitter, Youtube, Facebook ýaly internet ulgamlarynda galp hasaplar (nikler) bloklanmaly we haýsydyr bir internet ulgamynda hereket etmek üçin hökmany suratda şahsy maglumatlaryñy girizmeli.
Sosial mediýada trollardan, manipulýatiw ýalan-ýaşryk habarlary ýaýradýanlardan, galp niklere bukulyp görene kesek atýanlardan ýaña jemgyýetimiziñ hemme gatlagy ynjalyksyz ýagdaýda. Emma munuñ çözgüdi döwletiñ her internetden peýdalanyjjyny yzarlamaga mümkinçilik berýän ulgamy döretmek bolmaly däl!
Biz täze gadagançylyklara zerurlyk duýamzok. Tersine, adamlaryñ öz pikirlerini erkin beýan edip bilmek üçin galp niklere zerurlyk duýmaz ýaly derejedäki erkinlik atmosferasyny döretjek bolmaly. Hapa-paýyş sözler we masgaralamak alamaty bolmadyk ýagdaýynda hiç kimsäniñ sosial mediýada paýlaşan zady sebäpli tussag astyna alynmazlygy, jogapkärçilige çekilmezligi…
Ýogsam bolmasa, döwletiñ bizi hemişe her pursatda synlap duran inspektora öwrülmesiniñ öñüni alyp bilmeris.

## ■ Germaniýa modeli

Aslynda bu diñe Türkiýä degişli mesele däl, dünýäniñ hemme ýurdunyñ agyryly meselesine öwrüldi.
Düýn bu meseläniñ üstünde durup geçende, professor Adem Sözüer Germaniýadan mysal aldy.

Germaniýada belli bir möçberden ýokardaky peýdalanyja eýe sosial mediýa şereketleri ýurtdaky ähli wekilleri bir ýere jemlemäge we haýsydyr bir ildeş paýlaşylan haýsydyr bir habardan şikaýatçy bolan ýagdaýynda, muny seljerip, 24 sagadyň dowamynda belli bir netijä gelmäge borçly.
Ýagny, ýüze çykan düşünişmezlik döwletiň gözegçiliginde däl-de, sosial mediýa şereketleriniň öz gözegçiligi astynda çözülýär.
Professor Sözüer: «Sosial mediýada çäkden çykmalaryň bolýany dogry, emma çözgüdi MHP-niň kanun teklibi ýaly görnüşde däl. Çünki bu söwda gatnaşygyndaky ýaly däl ahyryn, men näme üçin anyk şahsy maglumatlarymy döwlet bilen paýlaşmaly? Ýazjak sözümi islesem lakam bilenem ýazaryn. Munuň tertibe salynmasy gerek, emma döwletleriň bu maglumatlara eýe bolmasy profil çykarma çenli gider» diýip, ýatladýar.

Kübra PAR,
kubrapar@haberturk.com

«HABERTÜRK» gazeti, 01.05.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniň talyby. Publisistika